TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ

HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72 (Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

**Jemile Pürjäýewa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy*

# MILLI ŽURNALISTIKANYŇ KEMALA GELMEGINDE MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ ORNY

Türkmenistan Garaşsyz döwlet bolanyndan soň, özbaşdak hem ýaş türkmen döwletini milli aýratynlyklary bilen dünýä tanatmak, onuň binýadyny demokratik we dünýewi esaslarda tutmak, halkyň maddy-hal ýagdaýyny pese gaçyrmazdan bazar ykdysadyýetine geçmek, dünýä döwletleri bilen hoşniýetli, özara bähbitli, deňhukukly diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak, abraýly halkara guramalaryna agza bolmak, halkara giňişliginde özbaşdak Türkmenistanyň ykrar edilmegini gazanmak, ýurduň baýlyklaryndan ýerlikli peýdalanmak, döwlet ähmiýetli içeri we daşary syýasatyň ugurlaryny kesgitlemekde maksatnamalaýyn işleri meýilleşdirmek babatynda uly işler amala aşyryldy.

Sarsmaz hem şöhratly, gurply we kuwwatly döwleti gurmak üçin ýetilen belent sepgitleri, gazanylan üstünlikleri jemgyýete wagyz etmek, dünýä halklaryna ýetirmek hem öňde duran esasy wezipeleriň biri boldy. Şu nukdaýnazardan, bu wezipäniň üstünlikli amala aşyrylmagynyň ýurduň köpçülikleýin habar beriş serişdelerine berýän aýratyn ünsüne bagly boljakdygy öz-özünden düşnükli. Munuň özi milli žurnalistikasynyň kemala gelmeginde zerurlykdyr. Bu hut şeýle-de edildi.

Milli žurnalistikanyň kemala gelmegi üçin döwlet tarapyndan zerur bolan ähli şertler döredildi. Onuň esasy wezipeleri kesgitlenildi. Şunlukda, Garaşsyzlyk ýyllarynyň edebi taglymatynyň düýp özeni bolan Watany, türkmen dilini söýmek, dogduk mekan duýgusy bilen ýaşamak, Türkmenistan döwletiniň bähbitlerini aramak, türkmenleriň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň özboluşly aýratynlyklary baradaky meseleleri her bir adama düşündirmek, Garaşsyz ýurduň raýatlarynyň her birinde ýurda wepalylyk, millilige sarpa goýmak ýaly duýgulary oýaryp, täze aňly, düşünjeli adamy terbiýeläp ýetişdirmek, ýaşajyk döwlete täze jemgyýeti gurmakda ýardam bermek bu ulgamyň esasy wezipesi boldy. Çünki mukaddes Garaşsyzlygymyzyň yzysüre täze ýoluň maksady hem-de wezipesi täze düşünjeli milleti gaýtadan döretmekdi. Bu iş tutuş halky öz içine almalydy, ýekeje adam-da ondan çetde galmaly däldi. Munuň üçin özbaşdak döwletiň Milli Galkynyş ýolunyň üç sany baş ruhy-ahlak ýörelgesini tapyp, öňe çykarmalydy. Şol üç ýörelge hökmünde bolsa Agzybirlik, Asudalyk hem-de Jebislik düşünjeleri saýlanyp alyndy. Bu üç düşünje bada-bat Türkmen döwletiniň sarsmaz binýadyna, halkymyzyň ruhy ýörelgesine hiç mahal mizemejek gymmatlygyna öwrüldi [4]. Agzybirlik, asuda-

lyk, jebislik ýaly şygarlar halk, Watan, edebiýat, medeniýet we sungat ýaly düşünjeler bilen baýlaşdyrylyp, halkyň aňyna, ruhuna täsir etmelidi. Munuň üçin milli metbugatda, radiotelewideniýede döwrüň meşhur žurnalistleri, ýazyjydyr şahyrlary türkmeniň beýik şahsyýetleriniň gahrymançylyklaryndan, edermenliklerinden, türkmen edebiýatynyň görnükli söz ussatlarynyň döredijiliginden söz açyp, döwrebap makalalary, gepleşikleri jemgyýete yzygiderli ýetirdiler.

Agzybirlik ähli döwürlerde-de halkyň esasy gymmatlygy. Sebäbi agzybirlik asuda ýaşaýşyň, rysgal-berekediň gözbaşy, köki, özeni. Şeýle bolansoň, ýazylýan makalalar, taýýarlanylýan gepleşikler edebi mirasymyzyň millilik taraplary, onuň ähmiýeti; Oguzhan atamyzyň agzybir, jebis bolmak hakyndaky sargytlary; türkmeniň başyna bela gelse, esasy üç zatdan – agzalalykdan, men-menlikden, haramlykdan geljekdigini ündän Gorkut atanyň wesýetleri; deňlik, agzybirlik, jebislik höküm sürýän Çandybili we onda ýaşaýan halky gözüniň göreji dek goran Göroglynyň batyrlyk, mertlik ýaly häsiýetleri; nusgawy edebiýatymyzyň görnükli wekilleriniň döredijiligi, aýratyn-da, türkmeniň beýik şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiligi bilen ýugruldy.

Telewideniýede hödürlenilýän Magtymguly Pyragynyň köpgyraňly döredijiliginden söhbet açýan gepleşikler giň gerime eýe bolup ugrady. Muňa 1991-nji ýylda ýaýlyma berlen «Ylham», «Çeşmeler» ýaly edebi telegepleşikleriň [5, 58 s.], şeýle-de Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe «Magtymguly, sözlär tili türkmeniň», «Magtymguly, nesihatlar düzer sen» [6] ýaly ýörite gepleşikleriň ýaýlyma berilmegi aýdyň mysaldyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň başda durmagynda geçen taryhy döwürde döwrüniň aňyýet kämilligini gazanmagyň ruhy sütünleriniň biri hökmünde – Magtymguly Pyraga uly hormat goýulýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz hem onuň döredijiligini ösüp gelýän ýaş nesle edep-terbiýe, ylym-bilim öwretmekde, olarda Watana, ene-ata bolan söýgini, zähmete, bolan höwesi terbiýelemekde aýratyn, ýokary ähmiýete eýe bolan gymmatlyk hökmünde sarpalaýar. Türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň halkymyzyň milli ruhuna mahsus bolan parahatçylyksöýüjilik, dost-doganlyk, goňşy ýurtlar bilen dostana gatnaşyklar, birek-biregiň däp-dessurlaryna hormat goýmak ýaly ynsanperwer gymmatlyklara baý nesilleri adamkärçilige, halka wepaly gulluk etmeklige çagyrýan wagyz-nesihat häsiýetli şygyrlary şu günki nesillerimizi kämil ruhda terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir. Gahryman Arkadagymyz bu barada döwlet başyna geçen ilkinji günlerinde «Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezän türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň mertebesi türkmen halky üçin iň belentde goýulýan mukaddeslikleriň biridir» diýip nygtapdy [1]. Çünki Akyldaryň ajaýyp şygyr setirleri halkyň ruhunyň hemişe belentde bolmagyna sebäp bolupdyr. Onuň pikir-garaýyşlary

Watanyňy, halkyň jebisligini goramagyň dünýäde ykrar edilen ýörelgesidir. Asyrlary aşyp, biziň şu günlerimize gelip ýeten şol pikirler, garaýyşlar, çagyryşlar, milletiň mertebesiniň elýetmez ruhy we aň belentligi hökmünde şahyry dünýä tanatdy.

Gazet-žurnallarda neşir edilen materiallarda akyldar şahyryň şygyrlaryndan mysal getirilen ynsany ynjytmazlyk, ulyny sylamak, birek-birege ajy söz aýtmazlyk, hoşgylaw bolmak, kynçylyk çekýäne goldaw bermek, gam-gussa batana ýagşy söz bilen hemaýat etmek, ýagşy adamlardan görelde almak, ýaramaz gylyk-häsiýetlerden saklanmak, ýalançylygy, gybatkeşligi, namartlygy berk ýazgarmak, mertlik, batyrlyk ýaly ýagşy häsiýetleri ündeýän setirler jemgyýeti, ýaş nesli Garaşsyz döwlete mynasyp ruhda terbiýelemek maksadyna gönükdirilendir.

Dilinden dür dökülen Magtymgulynyň il-günüň agzybirligi, rahat ýaşamagy baradaky arzuwlarynyň wysal bolan döwri hiç bir okyjyny oýlandyrman durmaýar. Şonuň üçin Akyldaryň il bilen birlik we watanparazlyk duýgularyna ýugrulan dana pikirleri ähli döwürde-de jemgyýetiň terbiýe mekdebine öwrüldi. Şahyryň döredijiliginiň mañzy bolan watançylyk temasyndaky makalalar Watan hakda çuň oýlandyrýar, onuň gymmatyna aýan düşündiriş berýär.

Akyldar şahyrymyz Magtymgulynyň şygyrlary diňe bir nesil terbiýesinde däl, eýsem, uly ýaşly adamlaryň hem durmuşda özüni alyp barşynda türkmençilik ýörelgeleriniň kadalaryna öwrülipdir. Halk şahyryň şygyrlaryndan durmuşyň dogry ýoluny, islendik meseläniň adyl çözgüdini tapyp bilipdir. Şoňa görä-de, Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda Magtymgulynyň şygyrlary jemgyýetde özüňi alyp barmagyň, adamlar bilen gatnaşmagyň, ynsanperwer ömür sürmegiň ýollaryny salgy berýän gollanma hökmünde görlüpdir. Magtymgulynyň dilewarlyk, ýagşy sözüň gymmaty baradaky pikirler agdyklyk edýän goşgulary adam bilen iş salyşmakda esasy gural bolan sözleýiş medeniýetini terbiýelemekde esasy çeşmedir. Onuň köpugurly döredijiligi žurnalistikanyň esasy ýörelgeleri bolan sözleýiş we söhbetdeş bolmagyň, gürrüňdeşiňi diňlemegiň medeniýetine degişli bahasyna ýetip bolmajak öwüt-ündewlere baýdyr. Söz we onuň täsiri barada ýazylan makalalar okyjyda ýerini bilip sözlemek, sözlemeziňden öň pikirleriňi seljermek we hoşamaý gürleşmek ýaly endikleri terbiýeleýär.

*Ajap sözläp, pena dahan içinde,*
*Dendan düşer, gymmat düşer, dil geçer* [3, 77 s.].

– diýen setirlerinde şahyryň diliň sözleýiş medeniýetini saklamagyň zerurlygyny nygtaýandygyny, diliň örän ýitiligine we ýatda galyjylygyna ünsi çekýändigini görmek bolýar. Şahyryň:

*Akyl bolan söz açarmy?*
*Nobat berilmegen ýerde* [2, 282 s.].

*Gulagyma bergen pendiň alaýym,*
*Kişige gaty söz aýdyjy bolma* [2, 430 s.].

*Bildigiňçe, mydam ýagşy sözlegin,*
*Ýagşy söz tapmasaň, otur sem bolup* [2, 378 s.].

*Parasat kyl, bakyp akla,*
*Goç ýigidiň sözün hakla,*
*Magtymguly, tiliň sakla,*
*Habar soralmagan ýerde* [2, 283 s.].

– diýen setirlerde bolsa ýerini bilip sözlemegiň, dogry sözi, pikiri ak ýürekden goldamagyň oňyn ahlak sypatlaryna degişlidigi nygtalýar. Adama gaty-gaýrym söz diýmekden saklanmagy nesihat edilýär.

Umuman, mysallardan görnüşi ýaly, türkmen edebiýatynyň ebedi sütüni Magtymguly atamyzyň çuň many-mazmuna ýugrulan goşgulary terbiýeçilik nukdaýnazardan bahasyna ýetip bolmajak edebi hazynadyr. Birnäçe asyr mundan öň onuň bize miras galdyran terbiýeçilik häsiýetli şygyrlary bu gün ata-babalarymyzyň baý tejribesi bolup, jemgyýete ýiti täsir edýän milli žurnalistikanyň kemala gelmeginde we onuň üsti bilen ýaş nesli döwrebap terbiýelemekde uly gollanma bolup durýar.

## EDEBIÝAT


1. Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. // Türkmenistan. – 2009. – 12iýun.

2. *Magtymguly*. Eserler ýygyndysy. – A.: MGI, 2013.

3. *Magtymguly*. Eserler ýygyndysy. – A.: MGI, 2013.

4. *Agalyýew D*. Garaşsyzlyk müdimilik mukaddeslik. // Türkmen dünýäsi. – 2021. – 10 mart.

5. *Kulowa G*. Magtymguly Pyragy we telewideniýe. // Magtymguly Pyragy we umumadamzat medeni gymmatlyklary, (halkara ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany). – A.: Ylym, 2014.

6. Teleradioýaýlymlar. (gepleşikleriň tertibi). // Watan. – 2023. – 4-nji fewral.